Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2019-njy ýylyň 18-nji noýabryndaky
№ 126 buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 2–pagta «Pagta hasylyny gaýtadan işlemegiň netijeleri barada hasabat» (aýlyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça GYSGAÇA GÖRKEZMELER**

№ 2–pagta «**Pagta hasylynyň gaýtadan işlemeginiň netijeleri barada hasabat**» döwlet statistik formasyny eýeçiliginiň görnüşine garamazdan pagta arassalaýjy kärhanalar hasabat döwründen soň aýynyň 1-ine tabşyrýarlar.

**1 Bölüm. Ykdysady görkezijiler**

01-nji setiriň 1-nji sütüninde «**Öndürilen önümleriň möçberi (işleriň, hyzmatlaryň) (içerki kärhanalaryň dolanyşygyny goşmazdan), hakyky hereket edýan nyrhlarda (aksiz we GGS goşmazdan) – hemmesi»,** pagta arassalaýjy kärhanalaryň ýerine ýetirilen işleriniň (hyzmatlarynyň) ilkinji hasaba alyş görnüşleriň esasynda hasabat döwri üçin doly bir aýy görkezilýär, 2-nji sütünde ýylyň başyndan artýan jemi bilen görkezilýär, 3-nji we 4-nji sütünlerde geçen ýylyň degişli döwrüniň ýerine ýetirilen işleriniň möçberleri görkezilýär. 02-nji setirde ýerine ýetirilen işleriň (hyzmatlaryň) umumy möçberinden «**şondan oba hojalyk meýdan ekinlerini ýygymdan soň işläp gutarmak boýunça görkezilen hyzmatyň gymmaty**» görkezilýär.

**2 Bölüm. 20__ ýylyň pagta hasylynyň gaýtadan işlenmegi we pagta süýüminiň we beýleki önümleriň alnyşy**

2-nji bölümde soňky ýylyň pagta hasylynyň gaýtadan işleneni we pagta süýüminiň we beýleki önümleriň alnyşy görkezilýär. Bu bölüm ýylyň başyndan ösýän jemi bilen natural görnüşinde doldurylýar.

01-nji setiriň 1-nji sütüninde «**Pagtanyň gaýtadan işleneni**» umumy möçberi görkezilýär, 2-7 sütünlerde: «**pagta süýümi**», «**gysga süýüm (ulýuk)**», «**übtük (lint)**», «**pagta çigidi**», «**harpyk (puh)**» we «**önümçilik ýitgisi**» görkezilýär. «**Pagtanyň gaýtadan işlenen**» möçberini GS (guradyjy seh) ýitgisini hasaba almak bilen görkezilýär. 02-nji setirde «**şondan: inçe süýümli**» pagtanyň gaýtadan işleneni we görnüşleri boýunça şondan alnan önümleriň möçberi görkezilýär. 03-nji setir boýunça «**01-nji setirden maşyn ýygymy**» pagtanyň gaýtadan işlenen möçberi görkezilýär**.** 04-nji setirde «**şondan: inçe süýümli**» maşyn bilen ýygnalan pagtadan inçe süýümli pagta aýratynlykda görkezilýär.

**Oba hojalygynyň statistikasy we seljerişi müdirligi**